# «Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar…»

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
"Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar…" «HER KIM ÝAŞAMALY ÝAŞYNY ÝAŞAR…“

Hakyň eradasy bilen dünýäde,
Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar.
Jahyllar, gojalar, ýaňy inýän-de,
Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar.

Öýlüsi, öýsüzi, garyby, baýy,
Ýurt eýesi, agyr illi agaýy,
Karuna gol ýapan, Hatamyň taýy…
Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar.

«Bu dünýäniň wepasy ýok“ diýmäňler,
Munuň üçin gazap donun geýmäňler,
Bu dünýäni söýmedigi söýmäňler,
Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar.

Däli ýaşar, doly ýaşar, gul ýaşar,
Loly ýaşar, ala ýaşar, dul ýaşar.
Halal ýaşar, haram ýaşar, pul ýaşar,
Her kim ýaşar ýaşamaly ýaşyny.

Gysylma, gysganma ýeriň ýüzüni,
Aç göwnüňi, aç göwsüň, aç ýüzüňi.
Baky- diýip bilme –ýeriň ýüzüni,
Her kim ýaşamaly ýaşyny ýaşar…

Allaýar ÇÜRIÝEW. Goşgular